# Garrylar gerek

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Garrylar gerek GARRYLAR GEREK / Ýañsyly monolog

Adamlaryñ ýagyr bolmaýşyna haýran. Baý, bi dünýäñ aladasy artypdyr-ow. Gynansagam… wiý, bagyşlañ, begensegem, garrylar hakdaky alada ähli zatdan öñe geçdi. Ol şeýle-de bolmaly. Bizi ekläp-saklap şi derejä ýetiren, eýsem, şolar dälmi?! Garrylaryñ gurbany bolsañ!
Obada meniñ bir garryja kakam bar, özem ýeke özi ýaşaýar. Ady kim diýýäñizmi? Oñ size nämä geregi bar? Gerek bolsa aýdaýaryn. Neme, o-o, neme-laý, Myratberdimidi şoñ ady? Wiý, Myratdurdy-laý. Toçno, Myratdurdy. Öz kakasynyñ adynam bilenok diýmäñ how, men-ä ýöne pahan diýäýýän, hiç wagt adynam tutamok. Onsoñam men öz göbegimi kesemaga adyny tutar ýaly.
Meñ kakamyñky hezil, onuñ towugyna tok diýýän ýok. Han özi-soltan özi, gelniniñ iñirdisini eşdenok. Näme igenseler, özüm çekýän.
Hawa, men onuñ ýalñyz perzendi. Onsoñ ol hakda men alada etmesem dagy kim etsin. Häli-şindi halyndan habar alyp gaýdýan. Köplenç pensiýasyna gabatlabyrak barýan. Höküwmedimizem, tüweleme, gaty arkaly, ony sylaýa. Ýatan ýerinden, çöp başyny gymyldatman her aýda birgiden pul alup otyr. Özümiz-ä öljek bolup işlesegem, şondan köp alamyzak. Bir topar hajrow ýaljak çagalaram agzyny açyşyp otyrlar. Özleriniñem tüýs iýjek-geýjek wagtlary. Heý, onsoñ kakamyñ ýeke özüniñ şonça puly sowmaga bogny ysarmy? O zatlara kakam gowy düşünýä, sebäbi ol biz ýaly ýokary bilimli däl. Barsañ boş goýberenok, bende. Şonuñ üçinem, men kakamy gaty gowy görýän. Ony şähere ýanyma alyp geläýsemem boljak welin, birhili obañ howasy arassadar-aý. Şäheriñ tüssesini ýuwdup ýörenden, goý, şo ýerdejik ýaşabersin. Men oñ ýüregini gysdyramag-a, barypjyk durun, pul gerek wagty. Onsoñam o ýerde oñ başga-da bähbidi bar. Mellejigine ony-muny eken bolýa, gydyrdanyp dek oturanok. Öten ýyl dagy kakamyñ ýetişdiren

hasyly, walla, ýere-göge sygmady. Satynyp dünýäň puluny edindim. Ýene-de birki ýyljyk şeýdip gaýrat edäýse maşyn puly bolaýjak, how. Aý, meň kakam zordur-la, aladasyny edip direnip duran ogly bar-da kişiň. Ynha, geçen gyş dagy ony öz ýanyma ýygnadym, üşäp horlanyp ýörmesin diýip. Elbetde, mal-garasynam, olary ömür goýarynmy. Olaram kakamça gerek how, maňa. Ýalan sözlemäýin, kakam bir hepde bolup bolman gaýtdy yzyna. Ýok, ýalňyşýaňyz, keýwanymyň iňirdisi üçin däl. Şäherde, ýüregim gysýa diýdi. Şäher düzgünine henizem biz kanagat edip ýörüs, sähel ýöwselräk bolsaň, däliräp düze çykaýmaly. Hawa, kakamy özüm elinje oba eltip gaýtdym. Kim bilýär-aý, ýogsam heläk bolup yzyna geläýmegem mümkin. Baga bakýan goýny bilen on sany towugyny alyp galdym, hossa bolmasyn diýip. Ýene-de edinerdär-aý gezip ýörse. Biziňem belli, täzeje et iýesimiz gelýä, magaziniň doň etem halys ýürege düşdi, nobatam üstesine.
Häzir aç-açanlyk döwri, garrylaňňam bolmaýan ýerini göni aýtmak gerek. Mysal üçin, meň kakam her aýda meni heläk edip ýörmän, berýänje puluny poçtaň üsti bilen iberäýmel-ä. Aý, bolýa-la, gürrüň edip oturmaly. Goý, oglunuň başy dikgä bir döwran sürsün-le, görgüli. Her hiki kynam bolsa, wagt tapyp özüm baryp gaýdaryn, aýda bir gezek. Nätjek, garrylara hormat goýmaly-da, olary sylamaly. «Garrylar gerek» diýen aýdymy biz näme üçin zol-zol radio zaýawka berýändir öýdýäňiz? Elbetde, diňe sizi sylanymyz üçin. Siz barada alada etmeklik biziň perzentlik borjumyz ahyryn. Ýaşlaryň saýasynda arkaýyn işläň, biz bir ýaýnaly. Hawa, gazananja puluňyzy bize berip dursaňyz adam adyňyzy tutmaz. Ondan ýaňa ýasy ýanyňyz ýerde bolsun, gadyrly garrylar! Satiriki hekaýalar